# Duýgy damjalary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Duýgy damjalary DUÝGY DAMJALARY




Duşuşypdyk gapdalynda aptegiň.
Degşip maňa: hassa bolduňmy diýýäň.
Ýa-da şonda çynyňmydy,
Yşgyňda
hassa ýörenimi duýupmydyň ýa?
***

Biragyz gepleşmän gelýäs ikimiz,
Diýýänsiň içiňden maňa lal açan.
Sözläre söz ýokdy,
Minnetdardym men,
Maňa ýoldaş bolduň şunça ýol çen.

***

Ol gyz meni oýnajakmyş. Aýtdylar.
Saçynyň on sany taryna baglap.
Ýylgyrdym. Baglasyn birje taryna.
Bir ýa iki diýip durmaryn sanap.

***

Aglasaň aglaýyn, gülseň güleýin,

Misli men ýüz görýän aýnaň bolaýyn.
Ýöne sen meni döwmejek bol ýar,
Men ömür görmäýin ynjap, gyýlanyň…

***

Gyş. Garly gün. Taşlap gitdiň. Galdym.
Agaja öwrülip, yzyňdan garap.
Indem durun. Bahar gelse görerler,
Agaç ýaly galandygymy gurap.

Sylapberdi MUHAMOW.

20.07.2023. Moskwa, Klin, Maýdanowa. Goşgular